#151 (173)
среда, 15 ноября 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 10-njy noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň on aýynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklary tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi, birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy hem-de ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň möhüm wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Ol şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen kanun çykaryjylyk işi barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, on aýyň dowamynda Mejlisiň maslahatlarynyň 4-si geçirilip, Türkmenistanyň Kanunlarynyň 42-si, Mejlisiň kararlarynyň hem 42-si kabul edildi. Häzirki wagtda parlamentiň iş toparlarynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, täze kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak işleri amala aşyrylýar, hereket edýän hukuk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär.

Halkara guramalar we daşary ýurtlaryň parlamentleri bilen gatnaşyklary pugtalandyrmak üçin duşuşyklaryň 75-si geçirildi hem-de dürli döwletleriň ilçileriniň 24-sinden ynanç hatlary kabul edildi. Mejlisiň deputatlary we hünärmenleri Türkmenistanyň döwlet edaralary tarapyndan halkara düzümler bilen bilelikde kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek meseleleri boýunça geçirilen okuw maslahatlarynyň 90-syna gatnaşdylar, daşary ýurtlaryň 30-synda iş saparlarynda boldular.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy täze taryhy döwrüň möhüm ähmiýetli taslamalarynyň biri bolan Arkadag şäherini mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen taýýarlanylan "Arkadag şäheriniň dolandyryş çägine üýtgetmeler girizmek hakynda" Mejlisiň karary barada maglumat berdi. Karar döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň kanunçylygyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen birlikde, Arkadag şäheriniň dolandyryş çägini giňeltmek boýunça kabul edilen resminama laýyklykda, degişli işleri geçirmegiň zerurdygy bellenildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda milli ykdysadyýetimiziň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, görlen toplumlaýyn çäreleriň netijesinde, on aýyň dowamynda jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edildi. Bu görkeziji 6,3 göterime barabar boldy. 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň möçberi 6,3 göterim artdy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, ýylyň başyndan bäri bölek satuw haryt dolanyşygy 9,6 göterim köpeldi. Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 110,7 göterim, çykdajy bölegi 97,8 göterim ýerine ýetirildi. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 9,9 göterim ýokarlandy. Aýlyk zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi.

2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi 7,4 göterim artdy. Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň 54-siniň, suw we lagym arassalaýjy desgalaryň 34-siniň, 379,9 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýynyň, şeýle hem inženerçilik ulgamlarynyň we desgalarynyň gurluşyk işleri alnyp baryldy.

Soňra wise-premýer "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda" kesgitlenen wajyp wezipeleri nazara almak bilen, 2024-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hem-de maýa goýum Maksatnamasynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, durmuş ulgamyny ösdürmäge zerur bolan möçberdäki serişdeler gönükdiriler. Hormatly Prezidentimiziň degişli Permanyna laýyklykda, 2024-nji ýylda Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberi 10 göterim ýokarlandyrylar. Düýpli maýa goýumlaryň bir bölegini önümçilik, medeni-durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň, şol sanda ýaşaýyş jaýlarynyň, welaýatlardaky täze şäherçeleriň gurluşygyna gönükdirmek göz öňünde tutulýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýagdaýyna seljerme geçirmegiň, býujetiň girdejilerini artdyrmak boýunça zerur çäreleri görmegiň, maýa goýumlary köpräk çekmek boýunça netijeli işleri alyp barmagyň möhümdigine ünsi çekdi.

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Döwlet býujetiniň taslamasyny Türkmenistanyň Mejlisine ibermek baradaky hata gol çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän pudaklarynda 2023-nji ýylyň on aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, nebit we gaz kondensatyny çykarmak, polipropilen öndürmek boýunça tehniki-ykdysady görkezijiler barada aýdyldy.

Wise-premýer "Türkmennebit" döwlet konserni tarapyndan nebit bilen üpjün etmegiň meýilnamasynyň 100 göterim, nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasynyň 100,5 göterim, benzin öndürmegiň meýilnamasynyň 105,5 göterim, dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasynyň 104,6 göterim, çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasynyň 102,5 göterim, suwuklandyrylan gazy öndürmegiň meýilnamasynyň hem 109,8 göterim ýerine ýetirilendigini habar berdi. Hasabat döwründe tebigy we ugurdaş gazy çykarmagyň meýilnamasy 108,5 göterim, "mawy ýangyjy" eksport etmegiň meýilnamasy 114 göterim berjaý edildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň on aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri, ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy, şeýle hem Hasyl toýuna görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, oba hojalyk toplumynda önümçiligiň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 102,8 göterime, şol sanda Oba hojalyk ministrligi boýunça 102,9 göterime, Daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça 100 göterime, Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti boýunça 101,4 göterime, "Türkmen atlary" döwlet birleşigi boýunça 101 göterime deň boldy. "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny" durmuşa geçirmegiň çäklerinde maýa goýum serişdelerini özleşdirmegiň meýilnamasy 224,3 göterim ýerine ýetirildi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň welaýatlarynda agrotehniki kadalara laýyklykda, bugdaý ekinlerine ideg etmek işi dowam edýär. Şeýle hem ýetişdirilen pagta hasylyny ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur çäreler görülýär.

Däp bolşy ýaly, noýabr aýynyň ikinji ýekşenbesinde bellenilýän Hasyl toýuny guramaçylykly geçirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Meýilleşdirilen çäreleriň hatarynda Köpetdagyň eteginde ýerleşýän 600 baş ahalteke atyny saklamaga niýetlenen döwrebap athananyň açylyş dabarasy, mowzuklaýyn ylmy-amaly maslahaty, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda we welaýatlaryň "Türkmeniň ak öýlerinde" geçiriljek dabaralary görkezmek bolar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Hasyl toýy mynasybetli oba hojalyk toplumynyň işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda Permanyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geljek ýylyň hasylyna taýýarlyk işleriniň başlanandygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän gurluşyk we senagat toplumy, "Türkmenhimiýa" döwlet konserni, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi hem-de Aşgabat şäheriniň häkimligi tarapyndan 2023-nji ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi. Hasabat döwründe Gurluşyk we binagärlik ministrligi boýunça işleriň meýilnamasy 112 göterim, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi boýunça öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 111,3 göterim berjaý edildi. Şu ýylyň on aýynda Energetika ministrligi tarapyndan önümleri öndürmegiň, işleri ýerine ýetirmegiň we hyzmatlary amala aşyrmagyň meýilnamasy 114,2 göterime deň boldy. Elektrik energiýasyny öndürmegiň ösüş depgini 103,7 göterime, ony daşary ýurtlara ibermegiň ösüş depgini bolsa 100,8 göterime deň boldy.

Şu ýylyň başyndan bäri "Türkmenhimiýa" döwlet konserni tarapyndan bahasy 1 milliard 985 million manada deň bolan önüm öndürildi we hyzmatlar ýerine ýetirildi. Şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi tarapyndan ýerine ýetirilen işler we hyzmatlar boýunça meýilnama 100,8 göterim, Aşgabat şäheriniň häkimligi tarapyndan 122 göterim berjaý edildi.

Ýaşaýyş jaýlarynyň, şäherçeleriň, durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny depginli alyp barmak wajypdyr diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Şeýle hem wise-premýere ýurdumyzda energetika halkasynyň we Türkmenistan — Owganystan — Pakistan elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygyny depginli alyp barmak, gurluşyk, energetika we senagat pudaklaryna maýa goýumlary çekmegi dowam etdirmek tabşyryldy.

Soňra wise-premýer gözegçilik edýän toplumynda, hususan-da, paýtagtymyzy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ak mermerli paýtagtymyzyň keşbini has-da gözelleşdirmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Aşgabat şäheriniň "Gurtly" ýaşaýyş toplumynda 30 sany 4 gatly, her biri 40 öýli we 16 sany 4 gatly, her biri 68 öýli ýaşaýyş jaýyny, 720 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, seýilgähi hem-de ýaşaýyş toplumynyň içerki awtomobil ýollaryny we daşarky eltiji, içerki agyz suw we lagym geçiriji ulgamlary gurmak meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna "Aşgabat

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ СЛОВЕНИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Словения г-же Наташе Пирц-Мусар и всему народу страны по случаю 30-летия установления -дипломатических отношений между Туркменистаном и Республикой Словения.

Отметив, что отношения между нашими государствами опираются на взаимоуважение, равноправие и обоюдное доверие, Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул заинтересованность Туркменистана в расширении двусторонних связей и выразил уверенность в дальнейшем развитии межгосударственного сотрудничества в интересах обоих народов благодаря совместным усилиям.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Наташе Пирц-Мусар искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Республики Словения – дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ПОЛЬША

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Польша Анджею Дуде по случаю Дня национальной независимости Республики Польша.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Президенту Анджею Дуде искренние пожелания крепкого здоровья и благополучия, а всему народу Республики Польша – мира, прогресса и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

şäherinde döwrebap binalary, desgalary we awtomobil ýollaryny gurmak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararynyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Aşgabat şäherinde döwrebap binalary, desgalary we awtomobil ýollaryny gurmak hakynda» Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, şol resminamanyň ýerine ýetirilişine hem-de oňa laýyklykda geçiriljek gurluşyk işlerine berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, şeýle hem telekeçilik ulgamynda şu ýylyň on aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 100,7 göterime, önüm öndürmegiň ösüş depgini 102,6 göterime barabar boldy. Dokma senagaty ministrligi boýunça, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, nah matalaryň öndürilişi 106,7 göterime, tikin we trikotaž önümleriniň öndürilişi 103,7 göterime, gön önümleriniň öndürilişi 100,4 göterime deň boldy. Şu ýylyň on aýynda 442 million 452 müň manada deň bolan maýa goýumlar özleşdirildi. "Türkmenhaly" döwlet birleşigi boýunça şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda önüm öndürmegiň meýilnamasy 104,5 göterim ýerine ýetirildi. Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan 249 birža söwdasy geçirilip, 25 müň 118 sany şertnama hasaba alyndy.

Söwda-senagat edarasy boýunça şu ýylyň on aýynda ýerine ýetirilen işleriň ösüş depgini 116,6 göterime barabar boldy. Ýylyň başyndan bäri 20 sergi we 65 maslahat geçirildi. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça hasabat döwründe oba hojalyk hem-de azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 108,6 göterime, senagat önümleriniň ösüş depgini bolsa 110,6 göterime deň boldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, halkyň sarp edýän harytlaryny artdyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi we wise-premýere bazarlarda hem-de dükanlarda, aýratyn-da, baýramçylyk günlerinde dürli önümleriň elýeterli, bolelin bolmagyny gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda gözegçilik edýän ulgamlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe dürli forumlar, şol sanda festiwallar, döredijilik bäsleşikleri, mediaforumlar, sergiler, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna, milli senenamamyzyň şanly senelerine bagyşlanan çäreler guraldy. Oktýabr aýynda Arkadag şäherinde V Wena baly, paýtagtymyzda "Galkynyş" türkmen-awstriýa simfoniki orkestriniň bilelikdäki konserti geçirildi. Şeýle hem Tatarystan Respublikasynyň ýurdumyzdaky Medeniýet günleri, Türkmenistanyň ABŞ-nyň Albukerke şäherinde hem-de Özbegistan Respublikasynyň Daşkent we Buhara şäherlerinde Medeniýet günleri geçirildi. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda "Arkadagyň şäheri" atly kinofestiwal hem-de meşhur türkmen kompozitory Nury Halmämmedowyň doglan gününiň 85 ýyllygy mynasybetli "Mukama siňen ömür" atly festiwal guraldy.

Şeýle hem Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli geçirilen sergi barada habar berildi. Mundan başga-da, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen bilelikde köptaraplaýyn we milli hödürnamalary ÝUNESKO-nyň sanawyna girizmek boýunça degişli işler alnyp baryldy. Türkmen hünärmenleriniň daşary ýurtlaryň onlarçasynda geçirilen dürli medeni çärelere, festiwallara, forumlara, okuw maslahatlaryna gatnaşandygy barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda geçirilýän baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli göz öňünde tutulan medeni çäreleri giňden beýan etmäge döredijilikli çemeleşmegiň zerurdygyny belledi. Şeýle hem zehinli ýaşlarymyzy ýüze çykarmak boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň wajypdygyna üns çekildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyzyň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynyň netijesinde bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryny, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Aşgabat hem-de Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň sebitlerinde çagalar baglary, orta mekdepler, hünär bilim edaralary dabaraly açyldy. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda bellenen çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda, ähli çäreler üstünlikli geçirildi. Halkara ylmy maslahatlar we ýaşlaryň arasynda ylmy işleriň bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy guraldy, Ylmy-tehnologik merkezler hakynda Düzgünnama tassyklanyldy. Görnükli türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzda hem-de daşary ýurtlarda ylmy-amaly maslahatlar, sergiler, tanyşdyryly dabaralary, beýleki çäreler geçirildi.

Wise-premýer milli saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berip, geçen on aýyň dowamynda amaly lukmançylyga dürli keselleriň öňüni almagyň we bejermegiň öňdebaryjy usullarynyň ornaşdyrylandygyny aýtdy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna näsag çagalara operasiýalar we bejergiler amala aşyryldy. Hasabat döwründe döwrebap saglygy goraýyş desgalarynyň gurluşygy giň gerimde alnyp baryldy.

Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni mynasybetli 10 — 12-nji oktýabrda "Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe" atly halkara sergi we ylmy maslahat geçirildi. Saglygy goraýyş işgärleriniň hünär baýramyna gabatlanyp, "Gündogaryň meşhur akyldary we lukmany Abu Aly ibn Sinanyň umumadamzat ähmiýetli mirasy" atly halkara ylmy maslahat hem-de "Ýokary tehnologiýalar we innowasion işläp taýýarlamalar" atly halkara bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy guraldy.

Şeýle hem sporty we bedenterbiýäni ösdürmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň türgenleri halkara ýaryşlaryň 243-sine gatnaşyp, jemi 674, şol sanda 190 altyn, 194 kümüş we 290 bürünç medala mynasyp boldular. Aşgabatda Kuraş boýunça dünýä çempionatyny geçirmek baradaky guramaçylyk toparynyň mejlisleri guralyp, bu möhüm sport çäresini ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek üçin işler dowam etdirildi. Döwletimiziň daşary syýasat strategiýasyna laýyklykda, halkara hyzmatdaşlyk has-da işjeňleşdirilip, bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport babatda halkara resminamalaryň 40-syna gol çekildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ylym-bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryny maddy-enjamlaýyn hem-de ylmy-usulyýet binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda Daşary işler ministrligi tarapyndan alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Döwlet Baştutanymyzyň Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň daşary syýasy ugruny yzygiderli durmuşa geçirmek boýunça öňde goýan wezipelerini we beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda, hasabat döwründe degişli işler amala aşyryldy.

Ýylyň başyndan bäri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasyna, Bahreýn Patyşalygyna, Azerbaýjan Respublikasyna, Katar Döwletine, Beýik Britaniýa, Russiýa Federasiýasyna, Täjigistan Respublikasyna, Türkiýe Respublikasyna, Saud Arabystany Patyşalygyna, Wengriýa, Gyrgyz Respublikasyna, Özbegistan Respublikasyna, şeýle hem Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna döwlet, resmi we iş saparlaryny amala aşyrdy. Döwlet Baştutanymyz Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň işine we ABŞ bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň "C5+1" görnüşindäki köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň birinji duşuşygyna gatnaşdy. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Nýu-Ýorkda bolmagynyň barşynda ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesini geçirdi. Hasabat döwründe hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň nobatdaky sammitine gatnaşdy.

Şu ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerine, Türkiýe Respublikasyna, Germaniýa Federatiw Respublikasyna, Eýran Yslam Respublikasyna, Saud Arabystany Patyşalygyna, Täjigistan Respublikasyna, Hytaý Halk Respublikasyna we Gazagystan Respublikasyna saparlary amala aşyrdy.

Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleriniň, şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň we Wengriýanyň Premýer-ministriniň ýurdumyza saparlary boldy. Hormatly Prezidentimiz birnäçe döwletleriň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirdi.

Şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda daşary ýurt wekiliýetleriniň Türkmenistana bolan saparlary, ýurdumyzyň wekiliýetleriniň daşary ýurtlara saparlary daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen gatnaşyklaryň yzygiderli häsiýete eýedigine şaýatlyk edýär. Ýylyň başyndan bäri dürli derejede, şol sanda sanly ulgam arkaly duşuşyklaryň we gepleşikleriň birnäçesi geçirildi. Daşary işler ministrlikleriniň derejesinde duşuşyklar yzygiderli guralýar.

Türkmenistan şu ýylyň 31-nji oktýabry — 2-nji noýabry aralygynda Aşgabatda geçirilen "Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy" 16-njy hyzmatdaşlyk forumynda başlyklyk etdi. Şeýle hem forumyň çäklerinde ÝHHG-niň Baş sekretarynyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň duşuşygy geçirildi. Ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmek maksady bilen, bilelikdäki hökümetara toparlaryň nobatdaky mejlisleri, işewürlik maslahatlarydyr duşuşyklar guraldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministrine ýylyň ahyryna çenli geçiriljek halkara çärelere, maslahatlara, şeýle hem Halkara Bitaraplyk gününi baýram etmäge taýýarlyk görmegiň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 9-njy noýabrda Daşkentde geçirilen 16-njy sammitine gatnaşmagynyň jemleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň ýokary derejedäki duşuşykda beýan eden başlangyçlaryny we olardan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmäge gönükdirilen teklipler taýýarlanyldy.

Şeýlelikde, 2024-nji ýylyň birinji çärýeginde Arkadag şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumyny geçirmek, ÝHG bilen hyzmatdaşlygyň hukuk esaslaryny berkitmek üçin "Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň üstaşyr ulag gatnawlary boýunça Çarçuwaly ylalaşygyny" hem-de oňa degişli Teswirnamany tassyklamak boýunça degişli işleri amala aşyrmak teklip edilýär.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň sammitdäki çykyşynda serhetýaka we sebit söwdasyny ösdürmek üçin ÝHG-nyň mümkinçiliklerini doly ulanmak baradaky mesele deglip geçildi. Bu babatda ýurdumyz goňşy döwletler bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Şoňa görä-de, serhetýaka söwda zolaklaryny döretmek we şu maksat bilen, ÝHG-nyň hünärmenlerini çekmek boýunça teklip beýan edildi. "Türkmenistanyň 2024-2025-nji ýyllar üçin syýahatçylyk pudagynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň Maksatnamasyndan" gelip çykýan wezipeleri çözmek babatda Mary şäherini 2027-nji ýylda "Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň syýahatçylyk paýtagty" diýip yglan etmäge gönükdirilen çäreleri görmek teklip edilýär. Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Türkmenistanyň halkara we sebit guramalarynda, hususan-da, ÝHG-da wekilçilik etmegine degişli teklip hödürlenildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň on aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe şu toplum boýunça ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň ösüş depgini 122,7 göterime deň boldy. Şu ýylyň ýanwar — oktýabr aýlarynda awtomobil, demir ýol, howa, deňiz we derýa ulaglary arkaly ýük daşamagyň ösüş depgini 106,3 göterime, ýolagçy gatnatmagyň ösüş depgini 105,2 göterime deň boldy. Hasabat döwründe "Türkmendemirýollary" agentligi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň ösüş depgini 108,2 göterime, "Türkmenawtoulaglary" agentligi boýunça 118,9 göterime, "Türkmenhowaýollary" agentligi boýunça 209,2 göterime, "Türkmendeňizderýaýollary" agentligi boýunça 107,1 göterime, "Türkmenaragatnaşyk" agentligi boýunça 111,5 göterime barabar boldy.

Hasabatyň dowamynda "Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýerine ýetirilen işler barada hem aýdyldy. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ulag-kommunikasiýa toplumy üçin niýetlenen önümçilik, durmuş maksatly desgalaryň gurluşygynyň barşy barada hasabat berildi. Hasabatyň dowamynda daşary ýurtlar bilen ulag-logistika hyzmatdaşlygyny ösdürmek meseleleri boýunça bilelikdäki iş toparlarynyň mejlisleriniň netijeleri barada aýdyldy.

Şeýle-de Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň dowamynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzy ýurdumyzda giňden bellenilýän Hasyl toýy mynasybetli tüýs ýürekden gutlap, Arkadagly Gahryman Serdarymyza, Gahryman Arkadagymyza berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli alyp barýan asylly işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Интернет газета
Международные новости

# ВЫСТУПЛЕНИЕ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРА БЕРДЫМУХАМЕДОВА НА 16-М САММИТЕ ГЛАВ ГОСУДАРСТВ ОРГАНИЗАЦИИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА




**Уважаемые главы государств, руководители делегаций!**

**Дамы и господа!**

Прежде всего, разрешите поблагодарить Его Превосходительство Президента Республики Узбекистан Шавката Миромоновича Мирзиеёва за организацию на высоком уровне 16-го Саммита Организации экономического сотрудничества, радушное гостеприимство и проявленное уважение.

Сегодняшняя встреча на высшем уровне проходит в период, когда мы напрямую сталкиваемся с серьёзными геополитическими вызовами, оказывающими непосредственное влияние на развитие и тенденции глобальной экономики. Вместе с тем эти вызовы, несмотря на сложный характер, открывают новые перспективы. По нашему мнению, такие вопросы, как конструктивное и эффективное использование этих возможностей, задействование всех благоприятных преимуществ Организации экономического сотрудничества в условиях современных геоэкономических трансформаций, должны стать ключевой задачей Организации на ближайшую перспективу. Считаю, что для этого есть все необходимые условия.

С данной точки зрения состоявшийся в Ашхабаде 28 ноября 2021 года 15-й Саммит ОЭС стал важным мероприятием. Эта встреча на высшем уровне была насыщена значимыми инициативами и событиями и придала новый импульс нашей совместной деятельности. Принятый на нём «Ашхабадский консенсус для действий», являясь главным документом, вобрал в себя все ключевые направления сотрудничества, в частности, торговлю, транспорт, связь, энергетику, промышленность и экономическое развитие, а также такие вопросы, как социальное обеспечение, окружающая среда, изменение климата и другие.

Пользуясь случаем, хочу выразить глубокую признательность главам всех государств ОЭС за активное участие в работе Ашхабадского Саммита и ценный вклад в его успешное проведение.

Вместе с тем хочу поблагодарить Секретариат ОЭС за принимаемые эффективные меры по выполнению целей и задач, вытекающих из документа «Ашхабадский консенсус для действий».

**Уважаемые участники встречи!**

Опираясь на документы, решения и соглашения, принятые на 15-м Саммите, нам необходимо определить неотложные направления взаимодействия, проанализировать важные вопросы и приступить к их практической реализации.

В соответствии с позицией Туркменистана считаю целесообразным остановиться на некоторых ключевых аспектах, имеющих в настоящее время особое значение.

Прежде всего, хочу сказать о развитии взаимовыгодного сотрудничества в торгово-экономической и инвестиционной сферах, выступающих на сегодняшний день в числе основных направлений наших отношений.

В 2021 году в период председательства в Организации экономического сотрудничества Туркменистан предложил приступить к созданию в регионе ОЭС экономических коридоров. Мы рассматриваем их в качестве системы устойчивых основных маршрутов для продвижения товаров, услуг и финансовых средств. Для этого необходимо наладить и развивать на комплексной основе партнёрство между ведущими промышленными фирмами, инвестиционными компаниями и банками наших стран. Эта работа должна вестись посредством широкого внедрения передовых технологий. В данной связи предлагаем разработать Рамочное соглашение ОЭС по цифровым технологиям и электронной торговле.

В целях увеличения торгового оборота между странами ОЭС следует активно задействовать возможности приграничной и региональной торговли. В данном контексте имеется ценный опыт, многовековые традиции и обычаи наших народов, требующие возрождения, использования и обогащения с учётом реалий современности. Для этого необходимо создать благоприятную трансграничную среду, стимулировать региональное сотрудничество, представляющее систему договорных преимуществ и приоритетов.

Мы придаём огромное значение активизации деловых отношений посредством малого и среднего предпринимательства, производству некоторых видов промышленных товаров, сельскохозяйственной продукции, налаживанию сотрудничества в сфере услуг и других направлениях.

Предлагаем рассмотреть предложение о создании «Информационного портала», включающего конкретные сведения, идеи, бизнес-проекты и другую необходимую информацию для более широкой осведомлённости о потенциале и намерениях стран в плане расширения многостороннего сотрудничества.

**Уважаемые участники встречи!**

Очевидно, что наше экономическое партнёрство будет успешно развиваться и станет действительно эффективным при наличии современных транспортных и коммуникационных сетей, включающих абсолютно всё пространство ОЭС. Наглядно подтверждается и повышается значимость транспортных коридоров Евразии в качестве движущей силы для процветания всего континента. В этой работе нашей Организации отводится одно из ключевых мест.

И поэтому строительство дорог, мостов, узловых объектов, складов, терминалов и других важных инфраструктурных сооружений воспринимаем в качестве одного из основных направлений сотрудничества. С практической точки зрения предлагаем рассмотреть вопрос о создании Совместных транспортно-логистических центров при участии профильных государственных органов и частных компаний.

В целом сегодня во многом требуется согласованность и взаимная дополняемость работ наших транспортных учреждений. Здесь хочу отметить значение деятельности Секретариата по координации в рамках реализации Программы по развитию транспортно-коммуникационных систем ОЭС.

Туркменистан уделяет особое внимание созданию межрегиональных транспортно-транзитных коридоров со странами ОЭС.

Также мы считаем, что одним из приоритетных направлений для обсуждения в будущем является вопрос налаживания мультимодальных грузоперевозок из Китая через Центральную Азию с выходом на порты Каспийского моря, Персидского залива и Чёрного моря.

Подчёркиваем важность для нашей Организации осуществления целенаправленной и скоординированной транспортной дипломатии на международной арене, активного взаимодействия с Европейской экономической комиссией ООН, Экономической и Социальной комиссией ООН для Азии и Тихого океана, международными и региональными транспортными организациями.

Ещё одно важное направление – энергетика.

Тот факт, что мировые энергетические рынки находятся в глобальном нестабильном состоя¬нии, диктует в качестве одной из главных задач ОЭС разработку соответствую¬щей эффективной модели сотрудничества. Это прежде всего необходимо для удовлетворения растущих энергетических потребностей наших стран с целью повышения мощностей новых промышленных комплексов и сельского хозяйства, строительства инфраструктурных объектов и запуска совместных производственных проектов.

Как известно, Туркменистан выдвинул ряд крупных энергетических проектов, в которых также принимают участие некоторые страны ОЭС. Мы приглашаем наших стран-партнёров к расширению совместного сотрудничества в энергетической сфере с целью ¬создания системы энергоснабжения, включающей пространство ОЭС. Со своей стороны могу сказать, что Туркменистан готов увеличить объёмы поставок природного газа и электроэнергии в страны ОЭС через имеющиеся в настоящее время мощности и через те, которые будут построены в перспективе.

**Уважаемые участники встречи!**

В ходе сегодняшней встречи состоится обсуждение ряда важных для наших стран вопросов, решение которых будет содействовать определению перспективных направлений взаимодействия, разработке конкретных планов и механизмов для их реализации.

В нынешний сложный период мирового развития Туркменистан твёрдо убеждён, что главы наших стран продемонстрируют мудрость и дальновидность во имя общих интересов, укрепляя взаимопонимание, дружбу и сотрудничество, присущие нашим братским народам.

В заключение хотелось бы подчеркнуть, что на Секретариат ОЭС возложена высокая ответственная миссия и ему отводится важная роль в практической реализации приоритетных направлений нашего сотрудничества.

Желаю Генеральному секретарю организации г-ну Хусраву Нозири и всем сотрудникам Секретариата успехов на этом поприще и выражаю благодарность за их вклад в успешное проведение встречи.

# В ТУРКМЕНИСТАНЕ ТОРЖЕСТВЕННО ОТМЕЧЕН ПРАЗДНИК УРОЖАЯ

В стране 12 ноября широко отмечен Праздник урожая, олицетворяющий замечательный талант и трудолюбие туркменских земледельцев, непреходящую щедрость родной земли.

В столице основной ареной торжеств стал Международный ахалтекинский конноспортивный комплекс, на украшенной площади которого чествовали главных героев праздника – передовых арендаторов, механизаторов, учёных-агрономов, селекционеров и других специалистов-аграриев, внёсших достойный вклад в развитие сельского хозяйства страны.

В числе участников мероприятия – члены Правительства, депутаты Меджлиса, члены Халк Маслахаты, руководители министерств и отраслевых ведомств, представители CVB, общественных организаций, аккредитованных в Туркменистане дипмиссий зарубежных государств, а также почётные старейшины и седовласые матери со всех велаятов страны.

Накануне в конференц-зале Туркменского сельскохозяйственного университета по поручению главы государства Сердара Бердымухамедова состоялась церемония награждения передовиков сельскохозяйственной отрасли, добившихся в этом году наивысших показателей. В соответствии с Указом Президента Туркменистана им вручена медаль «Watana bolan söýgüsi üçin», а также ценные подарки.

Официальная часть торжества продолжилась на специально оборудованной сцене перед зданием конноспортивного комплекса.

С глубоким вниманием заслушали собравшиеся приветственное Обращение Президента Сердара Бердымухамедова к мужественным труженикам села, мастерам урожаев и народу независимого нейтрального Туркменистана, в котором отмечается большой смысл проведения праздника на государственном уровне, в атмосфере грандиозного торжества в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства. Приветственное Обращение Президента Сердара Бердымухамедова было встречено бурными аплодисментами.

От имени работников АПК Президенту Туркменистана был подарен родившийся в 2020 году великолепный ахалтекинский скакун гнедой масти с символичным именем Диярым, ведущий родословную от именитых предков.

Торжества продолжились традиционными скачками, без которых у туркменского народа испокон веков не обходится ни один большой праздник.

Участники торжества приняли благодарственное Обращение к Президенту Сердару Бердымухамедову, в котором выразили искреннюю признательность за претворяемые в жизнь масштабные реформы по дальнейшему развитию отрасли, создаваемые условия для подъёма туркменского села и повышения благосостояния тружеников земли, заверив, что приложат все усилия для дальнейшего развития агропромышленного комплекса страны.

# Интернет газета Международные новости




## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE NEW AMBASSADOR OF JAPAN



On April 24, 2023, the US Department of State hosted the ninth annual bilateral political consultations between the United States and Turkmenistan. During the talks, Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov headed the Turkmen delegation, while Acting Assistant Secretary of State Elizabeth Horst led the US side.

During the meeting, the sides noted that the annual bilateral consultations are a platform for discussing common challenges and achievements, as well as further strengthening of the Turkmen-American partnership. Participants also reaffirmed their support for the C5+1 regional diplomatic platform for Central Asia and the United States. In particular, security, trade and economic ties, environment, culture, education and humanitarian issues were identified as priority areas for bilateral cooperation.

It should be noted that both countries reaffirmed their commitment to cultural and educational programs as a key aspect of bilateral relations and signed a Memorandum of Understanding on Educational Cooperation, which will serve as a basis for continued joint efforts in this area. Parties have also agreed that the Ministry of Education and the US Embassy in Ashgabat will implement a road map on educational cooperation.

Foreign Minister R.Meredov and U.S. Acting Assistant Secretary of State E.Horst agreed to hold the next round of annual bilateral consultations in Ashgabat in 2024.

In addition, on April 24, 2023, during a working visit to the United States, Minister Rashid Meredov met with the US Secretary of State Anthony Blinken. The top diplomats discussed a wide range of bilateral, regional and international agenda issues, the current situation in Afghanistan and promotion of the inter-Afghan dialogue. The parties stressed that further expansion of multidimensional cooperation between the states of Central Asia and the United States is an important factor of sustainable socio-economic development, preservation of peace, stability and security in the region. The parties also noted the interest in strengthening cooperation within the «C5+1» format.

In addition, the delegation of Turkmenistan met with Mr. Chase Robinson, director of the Smithsonian Institution's National Museum of Asian Art. During the meeting, the sides discussed opportunities to establish cooperation with Turkmen museum institutions to promote museum development in Turkmenistan, heritage preservation, training of museum workers and raising professional standards.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI EÝRAN YSLAM RESPUBLIKASYNYŇ TÄZE BELLENEN ILÇISINI KABUL ETDI

2023-nji ýylyň 13-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ali Mojtaba Ruzbehanini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Diplomat duşuşmaga döredilen mümkinçilik we türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisiniň mähirli salamyny we türkmen halkyna parahatçylyk, abadançylyk, bagtyýarlyk, gülläp ösüş baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň döwlet ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Şeýle hem ilçini jogapkärli diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlap, işlerinde üstünlik arzuw etdi.

Işjeň we netijeli ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti hem-de Eýranyň doly ygtyýarly wekili ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerindäki özara hereketlere aýratyn üns berildi.

Şeýle hem Eýranyň ýurdumyzyň sebitdäki iň ähmiýetli hyzmatdaşlarynyň biri bolmagynda galýandygyna üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, söwda-ykdysady ulgamda deňhukuklylyk, özara bähbitlilik esasynda hyzmatdaşlygyň giňeldilmeginiň döwletara ykdysady gatnaşyklaryň okgunly ösüşine laýyk gelýändigi bellenildi.

Söhbetdeşler özara hereketleriň ileri tutulýan ugurlarda oňyn ösdürilýändigini nygtap, ýangyç-energetika, ulag-kommunikasiýa toplumlarynda netijeli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga, gurluşyk, oba hojalygy pudaklarynda dialogy dowam etdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar. Bu işde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-eýran toparyna aýratyn orun degişlidir.

Binýadynda iki halkyň taryhy-medeni umumylygy we ruhy ýörelgeleri duran medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk türkmen-eýran gatnaşyklarynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Bilelikdäki medeni çäreler, hususan-da, Medeniýet günleri, dürli sergilerdir beýlekiler döwletara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly itergi berýär.



Duşuşygyň ahyrynda soňky ýyllarda täze mazmuna hem-de ösüşe eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de okgunly ösdüriljekdigine ynam bildirildi.

## The Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of the Philippines is accredited in Turkmenistan

On November 9, 2023, on behalf of President Serdar Berdimuhamedov, Chairman of the Mejlis of Turkmenistan D. Gulmanova accepted credentials from the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of the Philippines Roberto G. Manalo.

On behalf of the head of the Turkmen state, the head of the national Parliament congratulated the diplomat on his appointment to a responsible post, wishing him success in his noble work to deepen multidimensional interaction between the two countries and strengthen the ties of friendship between their peoples.

Thanking for the kind parting words and the warm welcome provided on Turkmen soil, the plenipotentiary representative of the friendly country, in turn, conveyed warm words of greeting on behalf of the top leadership of the Republic of the Philippines, who addressed



President Serdar Berdimuhamedov and the entire people of Turkmenistan with best wishes for happiness and new impressive victories on the path of grandiose transformations.

During the meeting, the Ambassador was introduced to the main directions of the domestic and foreign policy of our country, the constant priority of which was and remains broad international cooperation in the interests of peace, universal security and sustainable development.

## A meeting was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with the Regional Representative of the UN OHCHR



On November 10, 2023, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R.Meredov held negotiations with the Regional Representative of the Office of the United Nations High Commissioner for Human Rights for Central Asia (OHCHR) Matilda Bogner, who is in Ashgabat on a working visit. About this reports MFA of Turkmenistan.

During the meeting, the parties exchanged views on current issues in the development of Turkmenistan's partnership with the UN OHCHR. At the same time, the Minister emphasized that in order to further improve democratic institutions in Turkmenistan and effectively fulfill obligations in the field of human rights, our state carries out close and multifaceted cooperation with relevant international organizations, primarily within the UN.

The parties discussed issues related to the work of the Interdepartmental Commission to ensure the implementation of Turkmenistan's international obligations in the field of human rights and international humanitarian law. A positive dialogue was noted within the framework of this cooperation mechanism.

The Turkmen side also noted the importance of the contribution of the UN OHCHR to the implementation of national programs and plans in the field of human rights, in particular, the National Action Plan (NAP) on human rights for 2021-2025, as well as the development of a draft of updated NAP on human rights for 2022 -2028.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

**Постановку о Махтумкули представит Туркменистана международном театральном фестивале**

Главный Академический драматический театр им. С.А.Туркменбаши представит постановку Magtymguly — köňül guşy в рамках IV Международного театрального фестиваля «Театральное искусство в счастливую эпоху», который пройдет в Ашхабаде 14-16 ноября, сообщает пресс-служба Минкультуры Туркменистана.

Свое участие в международном фестивале уже подтвердили Азербайджанский государственный музыкально-драматический театр, Драматический театр Казахстана, Музыкально-драматический театр Кыргызской Республики, Государственный академический театр Татарстана, Государственный молодёжный театр Таджикистана, Музыкально-драматический театр Узбекистана.

**Знаменитый «Цветочный ковер Брюсселя» может стать туркменским**

Посол Туркменистана в Бельгии С. Пальванов встретился с руководством известной НПО «Цветочный ковер Брюсселя». Встреча в туркменской дипмиссии в бельгийской столице может стать началом нового арт-проекта: в ходе беседы рассматривалась возможность оформления традиционными узорами туркменских ковров знаменитого Брюссельского ковра из цветов.

Каждые 2 года в Брюсселе на центральной площади Гран-Плас можно увидеть огромный ковер из живых цветов. Эта традиция зародилась в августе 1971 года, когда садовники впервые разложили цветы на брусчатке главной площади для фестиваля «Цветочный ковер».

Предложенная идея создать следующий цветочный ковер Брюсселя в виде туркменского классического ковра заинтриговала руководителей фестиваля, прежде всего, роскошной красотой и строгой гармонией туркменской орнаментики. По их мнению, такой дизайн цветочного полотна соединит дух Центральной Азии с сердцем Европы.

**Обсуждены вопросы торгово-экономических связей между Туркменистаном и Пакистаном**

В период 7-8 ноября 2023 года состоялись встречи посла Туркменистана в Пакистане А.Мовламова с президентом Палаты малых предпринимателей и малых промышленников Исламабада Сажжадом Сарваром,а также с делегацией во главе с президентом Торгово-промышленной палаты Исламабада Ахсаном Зафаром Бахтавири.

В ходе встреч туркменская сторона провела презентацию о внешней и внутренней политике Туркменистана. В этом контексте, говоря о крупномасштабных программах и проектах, осуществляемых в Туркменистане в экономическом направлении, отдельное внимание было уделено «умному» городу Аркадагу.

В ходе переговоров состоялся обмен мнениями по вопросам расширения торгово-экономического партнёрства между Туркменистаном и Пакистаном.